***2025-nji ýylyň 4 – 8-nji dekabry aralygynda Hytaý Halk Respublikasynyň Nankin şäherinde ýokary okuw mekdepleriň talyplarynyň arasynda nazary mehanika boýunça VI halkara olimpiadasy geçirildi. Ol Hohaý uniwersiteti tarapyndan guraldy.***

Abraýly halkara gözden geçirilişine dünýäniň dürli ýurtlarynyň 66 uniwersitetinden 600-den gowrak talyp gatnaşdy.

Olimpiada ýurdumyzdan Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň iki talyby – Dursunjemal Ataýewa hem-de Mähriban Azadowa gatnaşdylar.

Bäsleşigiň netijeleri boýunça talyplarymyzyň ikisi-de şahsy hasapda II orny we olimpiadanyň toparlaýyn hasabynda II orny eýelemegi başaryp, nazary mehanikany örän oňat bilýändiklerini hem-de ders boýunça ýokary taýýarlyk derejesini görkezdiler.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 08.05.2026